# Genri diýip tanalan «Haýns»

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Genri diýip tanalan "Haýns" GENRI DIÝIP TANALAN «HAÝNS»




*Käte, Genriniñ özüniñ ölmegine nädip ýol berendigine geñ galýarsyñ*
Genri Kissinžer ýa-da Enwer Sedatyñ aýdyşy ýaly «Gadyrly Genri» arman-ýadaman işleýän we irmän-ýadaman baýrak alan nusgalyk ABŞ-ly migrantdy.
Germaniýadaky faşistik diktaturanyñ zulmundan gaçyp, maşgalasy bilen bile ABŞ-na gelen Haýns ähli migrantlar ýaly amerikan adyny aldy we Genri boldy.
Genri agşamlaryna gijeki okuwda okady, gündizlerine-de dellekçi çotgasyny çykarýan zawodda işledi.
1950-nji ýylda Garward uniwersutetinde filosofiýa ugrundan tapawutlanan doktorlyk derejesini aldy.
Garwardda professor bolan nemes jöhidi öz daşyna haýat aýlamagyñ ussadydy.
Geçen asyrda bu «öz-özüne senagat» sungatynda ondan öñ Uinston Çerçill, Şarl de Goll, Mahatma Gandi ýaly beýleki läheñler geldi.
Birküç gün öñ soñlanan ýüzýyllyk ömür «gadyrly Genriniñ ýaşan

formasy nilen diplomatiýanyň ýüzünji ýylydy.
Hytaýa açyklykdan Ýakyn Gündogaryň «torçusyna», Wýetnamdaky ylalaşdyryja, Kambodjadaky ýok edijä, Latyn Amerikadaky komplimasiýaça, Ýewropadaky terk edijä, aglaýan Golda Meýre…
Jedelli adamlaryň topbagy dünýäde bolup geçýän hadysalara hamana atalaryndan galan mülke giren ýaly giripdiler.
Käte, Genriniň özüniň ölmegine nädip ýol berendigine geň galýarsyň. Ol megerem özüni dünýäde özünden bidin çöp başynyň gymyldamagyna ýol bermeýän we bu babatda agzyny açyp bilmeýän palçylaryň tilsimlerine meňzeş ýazgylar, bellikler, çaklamalar bilen özüni indiki ýüzýyllyga taýýarlap ýördi.




Kissinžer aktiw diplomatiýadan çykansoň «maslahat beriji firma» gurdy. Wagtyny kesgitlenen pullara satdy: Genri bilen ertirlik, günortanlyk edinmegiň nyrhy, şamlyk ýörite arzanlaşyk…
Men myhmanlarynyň oňa onuň öz bereninden has köp zat berendigine ynanýaryn.

Kissinžeriñ hereketlerinde juda köp akrobatiýa bardy. Eger öte geçmeýän bolsam, geçen asyryň diplomatiýasynda beýleki käbir amerikan diplomatlaryň has täsirli, has pähimli we gerekli bolandygyna ynanýaryn. Öňki hatarlarda Jorj Kennan, Awerell Harriman, Jorj Marşall dagy bar.

Kissinžeriñ ähmiýetiniň aglaba bölegininiň wekilçilik edýän ýurduna baglydygyny ýatdan çykarmalyň.

Eger ol doglan ýurdunyň Daşary işler ministri bolan bolsa, bular ýaly ähmiýetli biri bolup bilmezdi.

Adam näce köp iş bitirse, bitiren işleri adamy şonça beýgeldýär.

Bir hepdäniň içinde «diplomatik asyryň eýesi» Kissinžer we «borsa asyrynyň eýesi» Çarlz Manger aradan çykdy.

«Wall Street»-däkileriň muny aňşyrmasy kyn boldy. Birinjisiniň durmuşy uruşlardan we realistik ýa-da «praktiki» syýasatlardan ybaratdy.

Ikinjisi bolsa ömrüni pul gazanmak bilen geçirdi.

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Ýekşenbe, 03.11.2023 ý. Publisistika